# Wah, biz eşekler… / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Wah, biz eşekler… / satiriki hekaýa WAH, BIZ EŞEKLER…



*Eşek milletiniñ ir döwürler adam milleti ýaly geplän, häzirki ýaly aññyrmaýan, özbaşyna eşek diliniñ bolan, bu diliñ «öli dile» öwrülip «aññyrylmaga» başlanmazdan öñki döwrüniñ kyssasy*
Wah, biz eşekler… Wah, biz eşekler… Biz eşek milleti-de siz adam milleti ýaly gepleýän ekenig-ä. Nädip beýle baý eşek dilimiz ölüpdir, nädip öli dile öwrülipdir, soñ biz eşekler

añňyrmaga başlapdyrys. Muny… bilesiňiz gelse gürrüň bereýin.
Bir gün ýaşuly eşekleriň biri gök otluk meýdanda ýeke özi otlap ýören eken… Hem otlapdyr, hem eşek dilinde aýdyma hiňlenipdir. Birdenem burnuna ys gelipdir. Ýöne gelýän ysam gowy ys däl, möjegiň ysy eken.
Ýaşuly eşek tumşugyny ýokary dikip, uludan ysyrganypdyr. Hawa, gelýän ylaýyk möjegiň ysy eken-dä.
– Aý ýok-la, möjek däldir – diýip, özüne göwünlik berip otlamagyny dowam etdiripdir.
Möjegiň ysy barha güýjeýärmiş. Diýmek, möjek golaýlaşyp gelýän bolmaly. Möjegiň golaýlaşyp gelýänligi ölümiň gelýänligini aňladýar…
Ýaşuly eşek:
– Möjek däldir, möjek bolmaga haky ýok – diýip hüňürdäpdir. – Bilýän-ä, bu gelýän möjek däl…
Ol kellesini öwrüp seretse, möjek ýalaw ýaly dişlerini gyjyrdadyp, agzynyň hyllygyny akdyryp yz tarapdan okdurylyp gelýärmiş. Ýaşuly eşek ýalbarmaga durupdyr:
– Eý Beýik Taňrym, bu gelýän möjegem bolsa, möjek bolmasyn-da! Möjek däl-le, beh, menem biderek gorkup otyryn. – Ol: – Wah, meniňem samsykdygymy – diýýärmiş. – Ýabany pişige möjekdir öýdüp gaçýan-a. Ýok, möjek däl…
Bar güýji bilen gaçýan eşek bir ýandanam şeýle diýýärmiş:
– Möjegem bolsa, möjek däldir. Enşalla, däldir. Ýok-la, garagöz, nämüçin möjek bolsun…
Kellesini öwrüp yzyna seretse, möjegiň gözüniň uçganaklap durandygyny görüpdir. Eşek ýazzyny beripdir, hemem:
– Walla kessin, möjek däl. Alla haklaşdyrsyn, möjek däl – diýip hüňürdeýärmiş.
Aç möjek aýpalta ýaly dişleri bilen eşegiň sagrysyndan dişläp, budundan lomaýja bölek goparyp alypdyr. Jan awusyna ýere ýykylan eşegiň birdenem dili tutulypdyr. Bilip duran eşek dilini gorkusyna ýatdan çykarypdyr. Möjek onuň boýnuna, gerdenine agyz urupdyr. Eşegiň hemme ýerinden gan pürkülip akypdyr. Ine, şondan soň eşek:
– Ah-waheý, möjek eken-ä! Waý, şol eken-ä! Özi eken-ä şoň! – diýip gygyrmaga başlapdyr. Möjek ony böleklemäge durupdyr.

Eşegem dili tutulandygy üçin diňe:
– Aýý, şol eken. Aaa, oo-ii, Aaa-iii. Aaai-iii! – diýip iňläpdir.
Ine, şol günden soňam biz eşek milleti geplemegi, gürlemegi ýatdan çykarypdyrys. Duýgylarymyzy, pikirlerimizi aññyrmak arkaly düşündirmäge başlapdyrys. Şol ýaşuly eşek howp guýrugynyň astyna gelip direýänçä öz-özüni aldamadyk bolanlygynda bizem gepläp bilerdik.
Wah, biz eşekler, wah, biz eşek milleti:
– Aaaa-i, aaa-iiii…

Eziz NESIN.

1958 ý.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar